# Türkmenistanda sanly hyzmatlaryň gerimi giňeldildi

“Türkmentelekom” sanly hyzmatlaryň gerimini giňeltdi. Operatory müşderilere hosting ulgamynda toplumlaýyn çözgütleri hödürleýär: wirtual bagyşlanan serwerler (Virtual dedicated server), fiziki serwerler (Dedicated) we kolokasiýa hyzmatlary (Collocation). Bu barada kompaniýanyň metbugat gullugy habar berdi.

Hyzmatlar islendik göwrümli web taslamalaryny doly administratiw gözegçilik bilen netijeli ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Hyzmatlar bazaryň dürli segmentlerine gönükdirilendir. Wirtual serwerler döwlet we hususy web sahypalaryny, habar portallaryny we internet dükanlaryny ýerleşdirmek üçin amatlydyr.

Kolokasiýa hyzmatlary iri korporatiw ulgamlara, maglumatlar bazalaryna we poçta serwerlerine niýetlenendir. Fiziki serwerler ýokary ýükli web taslamalary, oýun serwerleri we işewürlik çözgütleri üçin amatlydyr.

Hosting hyzmatlary uly maglumatlar bazalaryny, wideo hostingini, onlaýn kinoteatrlary, iri media portallary, şeýle hem sanly bank we telemedisina ulgamlaryny dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Все права защищены